**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY**
**TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY**

**«Tassyklaýaryn»**
**Rektor ____________ M.Çaryýew**
**«___» ____________ 2024 ý.**

**Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda**
**“Tehniki ýumuş esasynda platformany işläp düzmek”**
**ady bilen programmirleme arkaly daşary ýurt dillerini aňsat ýol bilen öwretmek boýunça hakaton bäsleşigini guramak we geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Tehniki ýumuş esasynda platformany işläp düzmek» ady bilen programmirleme arkaly daşary ýurt dillerini aňsat ýol bilen öwretmek boýunça hakaton bäsleşigini (mundan beýläk Bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

1.2. Bäsleşik Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldamagy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan guralýar.

1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki goldawy utgaşdyrmak Guramaçylyk topary tarapyndan alnyp barylýar.

## 2. Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

2.1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyza, Türkmenistanyň Hormatly Prezidentine wepaly, giň dünýägaraýyşly, ruhubelent ýaş nesli kemala getirmek;

2.2. Talyp ýaşlaryň häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanyp, platforma işläp taýýarlamak ukyplaryny ýokarlandyrmak, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we olary höweslendirmek;

2.3. Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň programmirleme ugry boýunça ukyplaryny artdyrmak üçin usuly kömek bermek;

2.4. Geljekde programmirleme arkaly daşary ýurt dillerini aňsat ýol bilen öwretmek boýunça hünärmenleriň häzirki zaman ylmy-tehniki bilimlerini ulanmak arkaly dürli görnüşdäki programmirleme başarnygyny döretmek.

Scanned with CamScanner

## 3. Guramaçylyk topary

3.1. Bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instutynda Guramaçylyk topary döredilýär. Toparyň düzümi institutyň rektory tarapyndan tassyklanýar.

3.2. Guramaçylyk toparynyň düzümine toparyň ýolbaşçysy we agzalary degişli.

3.3. Toparyň wezipeleri:

- Bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini, tertibini kesgitlemek hem-de ony geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barmak;
- Ýerine ýetirmeli platformanyň tehniki ýumuşyny işläp düzmek;
- Tehniki ýumuşdaky etmeli işleriň agramlaryna laýyklykda olara berilmeli ballary öňünden kesgitlemek;
- Ýaryşa gatnaşyjylar ýumuşlaryny ýerine ýetirip gutarandan soňra olaryň işlerini öňünden kesgitlenen ballar boýunça bahalandyrmak;
- Ähli toparlaryň işleri barlanandan soňra ýeňiji toparlary kesgitläp olary guramaçy topara hödürlemek;
- Bäsleşige gatnaşýan toparlaryň ýüztutmalaryna seretmek we arz-şikaýatlar boýunça düşündiriş işlerini geçirmek.

3.4. Ol Bäsleşigiň geçiriliş tertibini, wagtyny, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär.

3.5. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden bellenen jogapkär mugallymlar bilen bäsleşigi guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar.

## 4. Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň teribi

4.1. Bäsleşige gatnaşmak tölegsizdir.

4.2. Bäsleşige diňe toparlaýyn gatnaşyp bolýar. Her bir topar 5 adamdan ybarat bolmaly. Her ýokary okuw mekdebinden diňe bir topar gatnaşyp biler.

4.3. Gatnaşyjylary hasaba almak 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 29-dan noýabr aýynyň 5-ine çenli amala aşyrylýar.

4.4. Bäsleşik 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 9-yna geçirilýär we aşakdaky tapgyrlardan ybaratdyr:

I tapgyr – gatnaşyjylary hasaba almak üçin ýüz tutmalary kabul etmek. Ýüz tutmalary kabul ediş möhleti 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 29-yna başlaýar we 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 5-ine tamamlanýar. Ýüz tutmalary elektron excel tablisa görnüşinde **datmddi@datmddi.edu.tm** elektron poçtasyna ugratmaly;

II tapgyr – Bäsleşigiň geçirilmegi. Gatnaşyjylar 2024-nji ýylyň 9-njy noýabrynda taslamalary işläp taýýarlaýarlar;

III tapgyr – taslamalaryň bahalandyrylymagy. Bu tapgyryň çäklerinde ilki bilen taslamalaryň bahalandyrylmagy geçirilýär, soňra 6 sany iň gowy taslama saýlanyp alynýar. Bäsleşigiň netijeleri esasynda 1 sany baş baýrak, 2 sany I orun, 2 sany II orun we 3 sany III orun berilýär;

Scanned with CamScanner

IV tapgyr – Bäsleşigiň jemlenmegi. Bäsleşiginiň ýeňijilerini yglan etmek we olary sylaglamak dabarasy 2024-nji ýylyň 9-njy noýabrynda geçirilýär.

## 5. Ölçegler boýunça bahalandyrma

Bu bölümde bahalandyrmagyň tertibi we goýlan bahalaryň jemi kesgitlenilýär.

| | Görkezijiler | Ballar |
|---|---|---|
| 1. | Taslamanyň funksionaly | 30 |
| 2. | Taslamanyň interfeýsi | 20 |
| 3. | Taslamanyň işleýşi | 20 |
| 4. | Taslamanyň ýeke-täk nusgadadygy (göçürilmändigi) | 20 |
| 5. | Taslamany işläp taýýarlamagyň tizligi | 10 |
| | **Jemi** | **100** |

## 6. Bäsleşigiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

6.1. Ýeňijileriň orunlary toparlaryň görkezijileri boýunça kesgitlenilýär.

6.2. Baş baýraga, I, II, III oruna mynasyp bolan gatnaşyjylar we jogapkär mugallymlar Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň diplomlary bilen sylaglanylýar

**Habarlaşmak üçin,**
**Telefon belgi: +99365615115**
**Elektron poçta: datmddi@datmddi.edu.tm**
**Web sahypa: http://datmddi.edu.tm**

Scanned with CamScanner